Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan 2026-njy ýylyň 25–27-nji noýabrynda «Himiýa ylmyny we tehnologiýalaryny durnukly ösdürmekde öňdebaryjy tejribeleriň ähmiýeti» atly utgaşykly görnüşde geçirilýän halkara ylmy-amaly maslahatyna gatnaşyjylar üçin tezisleri we annotasiýalary taýýarlamagyň talaplary

Halkara maslahatyň umumy mejlisinde we bölümlerinde himiýa ylmyny, tehnologiýalaryny ösdürmek hem-de himiýany okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek boýunça çykyşlary gurnamak meýilleşdirilýär.

Maslahatyň bölümleri:

1. Himiýa ylmyny we tehnologiýalaryny toplumlaýyn ösdürmegiň strategik ugurlary;

2. Himiýany okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmekde gazanylan üstünlikler we öňdebaryjy tejribeler.

Tezisleri we annotasiýalary taýýarlamagyň talaplary

Tezisleriň möçberi A4 (210x297 mm) formatda 1,5 sahypadan geçmeli däl, annotasiýalaryň her biriniň möçberi 0,5 sahypa çenli bolmaly.

Sahypa ölçegleri: ýokary we aşak taraplarda – 2,0 sm, çep tarapda – 2,5 sm, sag tarapda – 1,5 sm. Oriýentasiýasy – «kitap» görnüşli, şrifti – Times New Roman, ölçegi – 14 pt, setir arasy – 1.

Ylmy işiň aýratynlyklaryna baglylykda tezisi şekiller, formulalar we tablisalar görnüşinde beýan etmäge ýol berilýär. Her bir şekil sahypanyň görkezilen ölçeglerinden çykmaly däl. Tezisiň umumy göwrümi şekiller, formulalar we tablisalar bilen bilelikde A4 formatdaky 1,5 sahypadan geçmeli däl.

Halkara ylmy-amaly maslahatyna elektron görnüşde ähli maglumatlar Microsoft Office Word formatynda kabul edilýär (*.doc we *docx giňeltmesi bilen).

Tezisler we annotasiýalar bir faýlda saklanylmaly hem-de aşakdaky görnüşde taýýarlanylmaly:

- awtoryň ady, familiýasy setir harplar bilen sahypanyň sag tarapyna deňlemek bilen 14-lik şriftde goýy gara ýazylmaly, döwletiň ady ýaýyň içinde görkezilmeli. Mysal üçin, Ata Ataýew (Türkmenistan) (1-nji goşundy);
- eger tezis iki awtor tarapyndan hödürlenilýän bolsa, ilki çykyş edýäniň ady, familiýasy görkezilmeli;
- tezisiň ady baş harplar bilen 16-lyk şriftde goýy gara ýazylmaly we setiriň merkezi boýunça deňlenilmeli;
- tezisi ýazmazdan ozal 1 (bir) setir goýbermeli.
- tezis we annotasiýalar setiriň ini boýunça deňlenilmeli. Matematiki we himiki formulalar kompýuterde ýörite formula redaktorlarynyň kömegi bilen ýazylmaly. Tezisiň we annotasiýalaryň sahypalary belgilenilmeýär;
- maslahata gatnaşmaga isleg bildirýänler tezislerini we annotasiýalaryny degişli talaplara laýyklykda taýýarlap, 2026-njy ýylyň 7-nji noýabryna çenli Guramaçylyk toparyna (*tsu.international.conference@gmail.com*) ibermeli.

Guramaçylyk topary hödürlenen tezisleri degişli talaplara laýyklykda saýlap almak hukugyna eýedir.

Maslahata gatnaşmak üçin hasaba alnyş maglumaty doldurylmaly (2-nji goşundy).

Habarlaşmak üçin maglumatlar

Maslahat baradaky goşmaça maglumatlar Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň *tdu.edu.tm* resmi web saýtynda ýerleşdirilýär.

Habarlaşmak üçin telefon belgiler: +99312 94-58-49, +99362 16-29-75 (Ylym bölümi); +99312 39-86-01(02) (Himiýa fakulteti).

Elektron salgysy: *tsu.international.conference@gmail.com*

1-nji goşundy

Çykyşyň gysgaça beýanynyň nusgasy

Ata Ataýew
(Türkmenistan)

HIMIÝANY OKATMAKDA SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ORNY

(Tekst: şrifti – Times New Roman, ölçegi – 14 pt, setir arasy – 1)

2-nji goşundy

Maslahata gatnaşmak üçin hasaba alnyş maglumaty doldurylmaly (adaty şrift, Times New Roman, 12 pt):

Familiýasy	
Ady	
Atasynyň ady	
Wezipesi	
Alymlyk derejesi, ady	
Işleýän ýeriniň doly ady	
Işleýän ýeriniň salgysy (poçta salgysy bilen bilelikde)	
Iş we mobil telefony	
Tezisiň ady	
Tezisiň hödürlenilýän bölümi	
Tezis haýsy dilde taýýarlanyldy	

Guramaçylyk topary